Türkmenistanyň Sport we ýaşlar
syýasaty ministriniň
2019-njy ýylyň 4-nji aprelinde
çykaran 185-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümini, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) “Bedenterbiýe we sport hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 65-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümini, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) **sport desgalarynyň sanawy** – Türkmenistanyň sport desgalary hakynda bar bolan maglumatlary özünde jemleýän hem-de şol maglumatlary almak, saklamak, ulanmak we ýaýratmak üçin niýetlenen ýazmaça sanaw;

2) **sport desgalary** – bedenterbiýe-sagaldyş, sport we köpçülikleýin sport çärelerini geçirmek üçin niýetlenen we giňişlik-çäk serhetleri bolan, ýörite döredilen we enjamlaşdyrylan binalar, jaýlar, desgalar;

3) **arza beriji** – sport desgasyny hasabynda saklaýjy döwlet häkimiýet edaralary ýa-da beýleki hasabynda saklaýjy, şol sanda sport desgasy hususy eýeçiliginde bolan ýuridik ýa-da fiziki şahslar.

3. Sport desgalarynyň sanawy (mundan beýläk – Sanaw, şu Tertibe 1-nji goşundy) Türkmenistanyň çäginde bar bolan sport desgalarynyň sany, niýetlenen ýeri we ýagdaýy hakyndaky maglumatlary ulgamlaşdyrmak maksady bilen döredilýär.

4. Sanawy döretmek we ýöretmek Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) tarapyndan amala aşyrylýar.

Sanawy ýöretmegi Ministrlik kagyz we elektron görnüşde alyp barýar.

5. Ministrlik Sanawdaky saklanýan maglumatlaryň abat saklanylmagyny, olaryň bitewiligini, Sanawa maglumatlaryň, üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň öz wagtynda girizilmegini üpjün edýär, şeýle hem şu Tertibe laýyklykda Sanawdan gyzyklanýan şahslara maglumatlary (şu kada Sanawa girizilen şahsy maglumatlara degişli däldir) berýär.

6. Sanawdaky sport desgasy hakyndaky maglumatlar Ministrligiň internetde döredilen ýörite saýtynda hem ýerleşdirilýär.

## II bap. Sanawa girizilýän maglumatlaryň düzümi

7. Sanawa şu aşakdaky maglumatlar girizilýär:

1) tertip belgisi (hasaba alnan belgisi tertip belgisinden emele gelýär)

2) sport desgasynyň ady;

3) sport desgasynyň hasaba alnan senesi we belgisi;

4) sport desgasynyň salgysy (ýerleşýän ýeri);

5) hojalygy ýörediş hukugy ýa-da dessin dolandyryş hukugy bilen berlen sport desgasyna eýelik etmek hukugy bolan edara hakynda maglumatlar;

6) sport desgasynyň ulanmaga berlen ýa-da onda gurluşyk-gurnama işleriniň gutaran wagty;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen sport desgasynyň klasifikasiýasyna laýyklykda sport desgasyny ulanmagyň maksady we niýetlenişi, derejesi, görnüşi;

8) sport desgasynda sport çäreleriniň, okuw-türgenleşik işleriniň, sport sagaldyş we sport görnüşleri boýunça dürli çäreleriň görnüşleriniň alnyp barylyşy hakynda maglumatlar;

9) sport desgasynyň ýerleşýän ýer böleginiň meýdany (gektary);

10) sport desgasynda ýerleşýän otaglaryň we/ýa-da binalaryň ýerleşişi, şeýle hem onuň sygymlylygy hakynda maglumatlar;

11) ýer bölegine we ýer böleginde ýerleşýän sport desgasyna bolan degişli hukugyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan resminamalar hakynda maglumatlar;

12) Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň girizilendigi hakynda maglumatlar.

## III bap. Sanawy döretmek we ýöretmek

8. Sanawyň döredilmegi we ýöredilmegi boýunça işler şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) arza berijiden resminamalaryň kabul edilmegini;

2) şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalaryň barlygynyň we olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklygynyň barlanylmagyny;

3) sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawa girizmek ýa-da girizmekden ýüz döndermek hakynda çözgüdiň çykarylmagyny;

4) kabul edilen çözgüt babatynda arza berijiniň habarly edilmegini;

5) sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň ilkinji gezek salynmagyny;

6) Sanawda sport desgasy hakynda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň girizilmegini;

7) sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň Sanawdan aýrylmagyny;

8) sport desgasy hakynda bar bolan maglumatlaryň Sanawdan berilmegini;

9) Sanawdaky sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň internetde döredilen ýörite saýtynda ýerleşdirilmegini (şu kada Sanawa girizilen sport desgasynyň eýesiniň şahsy maglumatlaryna degişli däldir).

9. Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawa girizmek üçin arza beriji Ministrlige şu aşakdaky resminamalary hödürleýär:

1) döwlet häkimiýet edaralarynyň ýa-da beýleki ýuridik şahslaryň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanan we möhri bilen berkidilen ýa-da fiziki şahslaryň goly bilen tassyklanan sport desgasy hakynda maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmek barada arzasy (şu Tertibe 2-nji goşundy);

2) sport desgasynyň pasporty;

3) sport desgasyna bolan hukuk belleýji resminamasynyň (peýdalanmak (eýeçilik) hukugyny tassyklaýan resminamasynyň) bellenilen tertipde tassyklanan nusgasy;

4) Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň degişli ýerli edarasynda bellige alnandygyny tassyklaýan resminamasy;

5) Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ýangyn howpsuzlyk gullugynyň edaralarynyň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň degişlilikde sport desgasynyň ýangyn howpsuzlyk kadalaryna we sanitariýa kadalaryna laýyk gelýändigi hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beren netijenamalary;

6) sport desgasynyň elektron göterijidäki suratlary.

10. Şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen tertipde tassyklanylýar we olar kagyz we elektron göterijide, arza bolsa kagyz görnüşde Ministrlige hödürlenilýär.

Hemme hödürlenilýän resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde saklanylýan resminamalara degişli bolup durýar. Hödürlenilýän resminamalar resminamalaryň sanawy görkezilen, ýörite kagyz berkidijä berkidilýär. Berkidilen resminamalaryň her sahypasy belgilenilen we tikilen bolmalydyr.

11. Arza beriji tarapyndan her sport desgasy hakynda maglumatlary Sanawa girizmek barada aýratyn arza berilmelidir.

12. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalara seretmek üçin Ministrlikde 7 (ýedi) agzadan ybarat bolan, hemişelik hereket edýän Topar döredilýär. Toparyň düzümi Türkmenistanyň Sport ýaşlar syýasaty ministri tarapyndan tassyklanylýar. Topar tarapyndan arza berijiniň şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalaryna bu resminamalaryň berlen gününden başlap, 15 (on bäş) iş gününiň dowamynda seredilip, şu aşakdaky çözgütleriň biri kabul edilýär:

1) sport desgasy hakynda maglumatlary Sanawa girizmek hakynda;

2) sport desgasy hakynda maglumatlary Sanawa girizmekden ýüz döndermek hakynda.

Toparyň çözgüdi teswirnama bilen resmileşdirilýär we ol Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministri tarapyndan tassyklanylýar.

13. Sport desgasy hakyndaky maglumatlar Sanawa girizileninden soňra, girizilen gününden başlap, Ministrlik 10 (on) iş gününiň dowamynda arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline sport desgasy hakyndaky maglumatyň Sanawa girizilendigi barada degişli tassyklaýjy resminamany gol çekdirmek arkaly gowşurýar.

14. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalar şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalara laýyk gelmese, onda Ministrlik olary seretmän galdyrýar we ol resminamalary arzanyň gelip gowşan gününden başlap 15 (on bäş) iş gününiň dowamynda arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekilne gol çekdirmek arkaly yzyna gaýtarýar.

15. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda, Topar tarapyndan sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawa girizmekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüt çykarylýar.

16. Topar tarapyndan şu Tertibiň on bäşinji böleginde görkezilen çözgüt çykarlan ýagdaýynda, bu barada Ministrlik çözgüt çykarlan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habary (şu Tertibe 3-nji goşundy) arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline gol çekdirmek arkaly gowşurýar.

17. Resminamalaryň yzyna gaýtarylmagyna sebäp bolan Ministrlik tarapyndan görkezilen ýagdaýlary aradan aýyryp, Arza berijiniň Ministrlige gaýtadan ýüz tutmaga hukugy bardyr.

## IV bap. Sport desgasy hakynda Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmek

18. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda, sport desgasy hakynda maglumatlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär. Şeýle maglumatlara fiziki şahsyň familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň, ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi, ýuridiki şahsyň adynyň, ýerleşýän ýeriniň üýtgemegi, şeýle hem sport desgasynyň niýetleniliş maksatlarynyň üýtgemegi we beýleki Sanawa girizilýän maglumatlar bilen bagly ýagdaýlar degişli bolup durýar.

Şunda, arza berijiniň Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada arzasy (şu Tertibe 4-nji goşundy) esasynda Sanawa degişli maglumatlar girizilýär, şeýle hem üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmäge esas bolan resminamalar barada maglumatlar (rekwizitler) ýazylýar.

19. Sport desgasy hakynda maglumatlarda ýalňyşlyklar goýberlendigi ýüze çykarlan halatynda, Arza berijiniň Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara düzedişleri girizmek barada arzasy (şu Tertibe 5-nji goşundy) esasynda, Sanawyň maglumatlarynyň ýazgysyna düzedişler girizilýär, şeýle hem düzedişleri girizmäge esas bolan resminamalar barada maglumatlar (rekwizitler) ýazylýar.

Sanawyň sport desgasy hakynda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmek zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, arza beriji şeýle üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň girizmekligiň ýüze çykan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda Ministrlige degişlilikde Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmek barada ýa-da Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara düzedişleri girizmek barada arzasyny hem-de olara degişli tassyklaýjy resminamalary hödürleýär. Şu möhletiň geçirilmegi arzany kabul etmekden hem-de Sanawdaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmekden ýüz döndermeklige esas bolup bilmeýär.

Sanawa üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmek, degişlilikde arzalaryň berlen gününden başlap 15 (on bäş) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

20. Arza beriji tarapyndan hödürlenen resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda, Topar tarapyndan Sanawda sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri Sanawa girizmekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüt çykarylýar.

21. Topar tarapyndan şu Tertibiň ýigriminji böleginde görkezilen çözgüt çykarlan ýagdaýynda, bu barada Ministrlik çözgüt çykarlan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda degişlilikde Sport desgasy hakyndaky maglumatlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habary (şu Tertibe 6-njy goşundy) ýa-da Sport desgasy hakyndaky maglumatlara düzedişleri Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habary (şu Tertibe 7-nji goşundy) arza berijä ýa-da onuň ygtyýarly wekiline gol çekdirmek arkaly gowşurýar.

22. Sanawdaky sport desgasy bilen awariýa ýagdaýlary, fors -mažor ýagdaýlary ýa-da beýleki ýagdaýlar ýüze çykan ýagdaýynda, şol ýagdaýlar sport desgasyny beden-sagaldyş ýa-da sport çäreleriň geçirilmegi mümkin bolmadyk ýagdaýa getiren bolsa, onda bu barada arza beriji şeýle ýagdaýlar ýüze çykan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda Ministrlige ýazmaça habar bermelidir.

## V bap. Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak we şol Sanawda bar bolan maglumatlary bermek

23. Sport desgasyny Sanawdan aýyrmak Toparyň Sport desgasyny Sanawdan aýyrmak hakyndaky çözgüdine laýyklykda Ministrlik tarapyndan amala aşyrylýar.

24. Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak üçin şu aşakdakylar esas bolup durýar:

1) Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak baradaky arza berijiniň arzasy (şu Tertibe 8-nji goşundy);

2) ýuridik şahs hökmünde bellige alnan arza berijiniň Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylmagy;

3) Sanawa girizilen sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň hakyky däl bolup ýüze çykmagy;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki esaslarda.

25. Ministrlik tarapyndan sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň Sanawdan aýrylmagy Topar tarapyndan Sport desgasyny Sanawdan aýyrmak hakyndaky çözgüdiň kabul edilen gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

26. Sport desgasy hakyndaky maglumatlaryň şu Tertibiň ýigrimi dördünji böleginde görkezilen esaslar boýunça Sanawdan çykarylandygy hakynda Ministrlik tarapyndan arza berijä ýazmaça görnüşde habar berilýär.

27. Döwlet häkimiýet edaralary hem-de beýleki ýuridik we fiziki şahslar Sanawda sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlary sport desgasy hakyndaky Sanawda bar bolan maglumatlary bermek barada arza ýazmak arkaly alyp bilerler. Sport desgasy hakyndaky Sanawda bar bolan maglumatlary bermek hakynda arza Ministrlige ýazmaça görnüşde berilýär.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 1-nji goşundy

## Sport desgalarynyň Sanawy

| T/b | Sport desgasy-nyň ady | Sport desgasynyň hasaba alnan senesi we belgisi | Sport desgasynyň salgysy (ýerleşýän ýeri) | Hojalygy ýörediş hukugy ýa-da dessin dolandyryş hukugy bilen berlen sport desgasyna eýelik etmek hukugy bolan edara hakynda maglumatlar | Sport desgasynyň ulanmaga berlen ýa-da oňa gurluşyk-gurnama işleriniň gutaran wagty | Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen sport desgasynyň klasifikasiýasyna laýyklykda sport desgasyny ulanmagyň maksady we niýetlenişi, derejesi, görnüşi | Sport desgasynda sport çäreleriniň, okuw-türgenleşik işleriniň, sport sagaldyş we sport görnüşleri boýunça dürli çäreleriň görnüşleriniň alnyp barylyşy hakynda maglumatlar | Sport desgasynyň ýerleşýän ýer böleginiň meýdany (gektary) | Sport desgasynda ýerleşýän otaglaryň we/ýa-da binalaryň ýerleşişi, şeýle hem onuň sygymlylygy hakynda maglumatlar | Ýer bölegine we ýer böleginde ýerleşýän sport desgasyna bolan degişli hukugyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan resminamalar hakynda maglumatlar | Sport desgasy hakynda Sanawda bar bolan maglumatlara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň ýa-da düzedişleriň girizilendigi hakynda maglumatlar | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 2-nji goşundy

Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine

**Sport desgasy hakynda maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmek barada**
**Arza**

___________________________________________
(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

___________________________________________
(sport desgasynyň doly ady)

___________________________________________
(ýerleşýän ýeri)

___________________________________________
(bank rekwizitleri)

___________________________________________
(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

___________________________________________
(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

___________________________________________

Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmeklik barada haýyş edýärin.

Sport desgasynda hödürlenilýän sport çäreleriniň, okuw-türgenleşik işleriniň, sport sagaldyş we sport görnüşleri boýunça dürli çäreleriniň görnüşleri ______________________________
___________________________________________
___________________________________________

Arzanyň ýanyna goşulýan resminamalar:
1. ______________________________
2. ______________________________
3. ______________________________
4. ______________________________
5. ______________________________

“____” ___________ 20__ ý. ___________ (goly) ____________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.

Arzany kabul eden ________ (goly) ____________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

“____” ___________ 20__ ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 3-nji goşundy

________________________________________

________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

## Sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habar

Türkmenistanyň Sport ýaşlar we syýasaty ministrligi tarapyndan Toparyň "____" "_______"çykaran "_____" belgili çözgüdiniň esasynda:

____________________________________________________________

(sport desgasynyň ady)

____________________________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

____________________________________________________________

____________________________________________________________

(ýüz dönderilmeginiň sebäbi)

sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi barada habar berilýär.

| | | |
|---|---|---|
| Ýolbaşçy | __________ (goly) | ____________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady) |

M. ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 4-nji goşundy

Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine

## Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada Arza

___________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Sport desgalarynyň sanawyndaky aşakda agzalýan sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar (degişlisini ýazmaly) girizmeklik barada haýyş edýärin.

___________________________________________

(sport desgasynyň doly ady)

___________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

___________________________________________

(bank rekwizitleri)

___________________________________________

(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

___________________________________________

(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

___________________________________________

Bellik: şu aşakdaky bentler çözgüt çykarylanyndan soň doldurylýar:
1) Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek barada Toparyň çykaran çözgüdiniň senesi we belgisi________________________________
2) Sport desgasynyň Sport desgalarynyň sanawynda hasaba alnan senesi we belgisi______________
3) Sanawa girizilen üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar hakynda maglumatlar:

| Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakynda öňki hasaba alnan maglumatlary | Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar hakynda maglumatlar |
|---|---|
| | |
| | |
| | |

"____" ___________ 20__ ý. ____________ (goly) ______________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.
Arzany kabul eden ________ (goly) ______________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)
"____" ___________ 20_______ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 5-nji goşundy

Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine

## Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara düzedişleri girizmek barada
## Arza

______________________________________________________________
(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Sport desgalarynyň sanawyndaky aşakda agzalýan sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara düzedişleri girizmeklik barada haýyş edýärin.

______________________________________________________________
(sport desgasynyň doly ady)

______________________________________________________________
(ýerleşýän ýeri)

______________________________________________________________
(bank rekwizitleri)

______________________________________________________________
(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

______________________________________________________________
(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

______________________________________________________________

Bellik: şu aşakdaky bentler çözgüt çykarylanyndan soň doldurylýar:
1) Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky bar bolan maglumatlara düzedişleri girizmek barada Toparyň çykaran çözgüdiniň senesi we belgisi________________________________
2) sport desgasynyň Sport desgalarynyň sanawynda hasaba alnan senesi we belgisi_______________
3) Sanawa girizilen düzedişler hakynda maglumatlar:

| Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakynda öňki hasaba alnan maglumatlary | Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän düzedişler hakynda maglumatlar |
|---|---|
| | |
| | |
| | |

"___" ___________ 20__ ý. ___________ (goly) ______________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.
Arzany kabul eden ___________ (goly) ______________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)
"___" ___________ 20_______ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň

düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň
we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan
maglumatlary bermegiň tertibine 6-njy goşundy

______________________________________

______________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň
familiýasy, ady, atasynyň ady)

**Sport desgasy hakyndaky maglumatlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habar**

Türkmenistanyň Sport ýaşlar we syýasaty ministrligi tarapyndan Toparyň "____" "_______"çykaran "_____" belgili çözgüdiniň esasynda:

________________________________________________________________

(sport desgasynyň ady)

________________________________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

________________________________________________________________

________________________________________________________________

(ýüz dönderilmeginiň sebäbi)

sport desgasy hakyndaky maglumatlara üýtgetmeleriň ýa-da goşmaçalaryň Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi barada habar berilýär.

Ýolbaşçy ___________ (goly) ______________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M. ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan maglumatlary bermegiň tertibine 7-nji goşundy

________________________________________

________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

**Sport desgasy hakyndaky maglumatlara düzedişleri Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi hakynda habar**

Türkmenistanyň Sport ýaşlar we syýasaty ministrligi tarapyndan Toparyň "____" "_______"çykaran "_____" belgili çözgüdiniň esasynda:

______________________________________________________________________________

(sport desgasynyň ady)

______________________________________________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

______________________________________________________________________________

______________________________________________________________________________

(ýüz dönderilmeginiň sebäbi)

sport desgasy hakyndaky maglumatlara düzedişleriň Sport desgalarynyň sanawyna girizmekden ýüz dönderlendigi barada habar berilýär.

| | | |
|---|---|---|
| Ýolbaşçy | __________ (goly) | ____________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady) |

M. ý.

Sport desgalarynyň sanawyna girizilýän maglumatlaryň
düzümi, sport desgalarynyň sanawyny döretmegiň
we ýöretmegiň, şeýle hem onda bar bolan
maglumatlary bermegiň tertibine 8-nji goşundy

Türkmenistanyň Sport we ýaşlar
syýasaty ministrligine

# Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak baradaky Arza

__________________________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Sport desgalarynyň sanawyndaky aşakda görkezilen sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmaklyk barada haýyş edýärin.

__________________________________________________________

(sport desgasynyň doly ady)

__________________________________________________________

(ýerleşýän ýeri)

__________________________________________________________

(bank rekwizitleri)

__________________________________________________________

(Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi)

__________________________________________________________

(telefony, elektron poçtasynyň salgysy)

__________________________________________________________

Sport desgalarynyň sanawyndaky sport desgasy hakyndaky maglumatlary Sanawdan aýyrmak barada Toparyň çykaran çözgüdiniň senesi we belgisi ____________________________

__________________________________________________________

Sport desgasynyň Sport desgalarynyň sanawynda hasaba alnan senesi we belgisi ____________

Esas: ______________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

"____" ____________ 20__ ý. __________ ____________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.ý.

Arzany kabul edeniň __________ ____________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

"____" ____________ 20______ý.